# Ukrainanyñ birinji ledisi Putine Britaniýanyñ üsti bilen agyr zarba urdy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ukrainanyñ birinji ledisi Putine Britaniýanyñ üsti bilen agyr zarba urdy UKRAINANYÑ BAŞ LEDISI PUTINE BRITANIÝANYÑ ÜSTI BILEN AGYR ZARBA URDY




*Ýelena Zelenskaýanyñ Kiýewdäki goragy berkidilen prezident binasynda otyrka eden adaja gürrüñi-de rus çozuşyna garşy güýçli garşylygy özünde gizleýärdi. Gürrüñdeşligimiziñ soñunda Britaniýanyñ Moskwanyñ jeñbaz «robotyna» garşy sanksiýalary çaltlyk bilen artdyryldy*

Ukrainanyñ birinji ledisi Ýelena Zelenskaýa Moskwa tarapynyñ çozuşyndan soñ iñ garaşylmadyk netijelerden biriniñ «ýumşak güýjüñ garşylyk bermegidigi» telim gezek aýtdy.

Onuñ bilen Kiýewiñ ýüreginde interwýu geçirýänçäm Zelenskaýanyñ näme diýmek isleýändigine doly düşünmändim. Men ol ýerde ýumşak diplomatiýanyñ dünýä arenasynda nähili duýdansyz täsir döredip biljekdigini birinji elden öwrendim.

Kiýewdäki gaçybatalga meňzeş komandowaniýe merkezinde bolýan Zelenskaýa bu urşy soňlandyrmagyň açarlaryndan biriniň üçünji ýurtlaryň üsti bilen Moskwa bilen söwda gatnaşyklaryny saklaýam ýurtlaryň sanksiýalardan gaça durmagyny bes etmekdedigine ynanýar.
Kremlde oturan «saryýagyz jeňbaza» barýan çeşmeler kesilmese, çozuş hemişelik dowam eder we bu ýagdaý günbatarly ýaranlaryň ukrain goşunyna berýän pulunyň we ýaraglarynyň biline palta urar. Munuň soňy Moskwanyň üstün çykjakdygyna yşarat edýär.
Zelenskaýa häsiýetli adaja gürrüňi bilen haýykdyryjy netijä geldi:
«Bu ýagdaý güýç-kuwwaty, ýeterlik maliýe mümkinçiligi bolan herkesiň dünýäde islänini edip gezmegine ýol açjakdygyny aňladýar.
Munuň özi global aýgytlaýjylygyň derege ýaramaýandygyny aňladar. Külli adamzat üçin iň ýaramaz senari-de şu bolar».
Täsirini-de şobada görkezdi. Wladimir Putiniň çozuşy başlandab bäri dünýäniň çar künjündäki ýurtlar Russiýa garşy birtopar sanksiýalary hoýan bolsa, Birleşen Korollygyň (BK) Daşary işler ministrliginiň press-sekretary «The Independent» habarlar gullugyna beren beýanatynda hökümetiň «birinji lediniň» agzan lapykeçliklerini ýaňzydýandygyny» aýdyp, kemçilikleri düzetmek üçin durman işlenýändigini sözüniň üstüne goşdy.
Aradan 24 sagat geçmänkä BK-yň Daşary işler ministrligi Russiýa ýardam edýän üçünji ýurtlara gönükdiren häzirki wagta çenli girizen iň uly çäklendirmesiniň güýje girýändigini mälim etdi.
Munuň özi Zelenskaýanyň «birinji ledi» roluny we dünýäniň çar künjündäki beýleki döwlet ýolbaşçylarynyň roluny ulanyp biljek ýumşak güýjüni artdyrmak tagallasynyň bir parçasy. Ol maňa sentýabrda Kiýewde geçiriljek döwlet ýolbaşçylarynyň aýallarynyň ýygnanyşygy hakda gürrüň berdi. Zelenskaýa dünýäde üýtgeşmeler geçirmek üçin döwlet ýolbaşçylarynyň aýallarynyň gatnaşmagynda kollektiw gurmagy umyt edýär.
Zelenskaýa beýleki aýallara «Indi diňe bezeg üçin ärlerimiziň ýanynda durmarys. Diňe prezidentiň ýanynda gomparyp duranymyz

ýeterlik däl» diýdi:
«Has köp işlemeli. Has köp işi etmäge mümkinçiligimiz bar. Munuñ jemgyýetimizde döreden täsirini gördüm».
Ukraina sanksiýalardan gaça durýanlara garşy has berk çäreleri girizmekde Britaniýanyñ dünýä nusgalyk boljagyna ynanýar.
Zelenskaýa hereketsizligiñ netijeleriniñ üstünde-de durup geçdi.
San we ýarag boýunça hem yza galýan Ukraina geçen fewralda Russiýa giñ möçberli çozuşuny başlanda diñe garşysyna göreşmek bilen çäklenmän, rus goşunynyñ ähli güýjüni birnäçe gezek yza serpikdirip hemmeleri haýrana goýupdy.
Ukrainalylar Kiýew, Harkow, Herson oblastlarynda birgiden raýonlary we şindizem Kiýewiñ soñky garşylyklaýyn hüjümi arkaly gündogar we günorta sebitler gaýdyp alyndy.




*Ýelena Zelenskaýa Kiýewdäki döwlet prezident binasynda*
Emma urşuñ on sekizinji aýynda bizem «barsagelmeze» tarap süýşüp barýarkak, bular ýaly az salymlyk ýeñişler geçmişde galybam biler. Russiýa Zaporožýä we gündogarda Donbass ýaly oblastlara gönükdiren goraglary bilen mazaly ornaşdy. Bu ýerler edil häzir iñ ganly uruş zonalary. Ukrainaly serkerdeler we synçylar maña telim gezek Russiýanyñ front liniýalaryna ölüm howply gorag halkasyny we mina toruny aýlandygyny, munuñ añyrsynda-da artilleriýa birlikleriniñ

bardygyny aýtdy. Bulam öňe süýşmek beýle-de dursun, duran ýeriňde aýlanyp ýörmegi iň soňky derejede ölüm howply ýagdaýa getirýär.
Russiýanyň goşunynh güýçlendirmek üçin sanksiýalardan gaça durup bilen ýagdaýynda soňsuz ýarag we ok-däri çeşmesini edinmeginden gorkulýar. Moskwa harbylaryny meseläniň üstüne sürmekden çekinenok, wagt hem olaryň peýdasyna işleýär. Kiýewde bolsa Zelenskaýa munuň näme many aňladýandygyny açyk aýtdy.
Zelenskaýa «Ukrainalylar bu urşuň öwezini ildeşleriniň jany bilen ödeýär. Beýlekiler bolsa çeşmeleri bilen ödeýär» diýdi we munuň «deňeşdirip bolmajakdygyny» sözüniň üstüne goşdy: «Ýene bir gezek hüjüm ediji durzulýança bu çeşmeleriň soňsuza çenli ulanylma howpunyň bardygyny aýdýaryn».




*Ýelena Zelenskaýanyň Ukrainanyň goldanmagy gerekdigi babatda dünýä ýurtlaryna çagyryşy bar*
Zelenskaýa munuň Ukraina we dünýä ýurtlaryna berjek zyýanynyň nähili boljakdygyny aýtdy. Ukraina üçin bu diňe uruş meýdanynda goşun ýitirmek däl, şol bir wagtyň özünde täze amputasion nesil bilen yrgyldap duran ýurda öwrüljekdigini aňladýar. Eýýämhäzirden dünýäniň iň köp mina düşelen ýurdy bolup barýan Ukraina üçin bu ýagdaý urşuň iň giňden ýaýran ýaralaryndan biri bolup durýar.

Zelenskaýa çozuşyñ psihologik ýitgisindenem söz açdy. Raýatlar we harbylar weýrançylygyñ hötdesinden gelmäge synanyşýar, bu ýagdaý barha ulalýan psihiki saglyk krizisini çuñaldýar. Muña ýanalmalardan gutulmak, zorlugyñ uruş ýaragy hökmünde ulanylmahy we ýurt derejesindäki aldym-berdimli bombalamalar hem degişli.
Zelenskaýa adam hukuklary boýunça toparlaryñ bikanun ýagdaýda çaga edinme we «ruslaşdyrma» maksatnamalaryny delilleşdirendigi, Russiýa äkidilen on müñlerçe dereksiz ýiten çagany tapmak we gaýdyp almak işlerinden söz açdy. Munuñ ýaş nesliñ ukrain milli identifikasiýasyny ýok etmäge gönükdirilen has giñ we koordinirlenen operasiýasynyñ bir parçasydygyny öñe sürýär.
Zelenskaýa BMG-nyñ ýurdy tutuşlygyna täzeden gurmak 411 milliard dollara düşjekdigini çaklaýan Ukrainanyñ weýran bolan sebitleriniñ täzeden abatlabmagy üçin edilýän işleriniñem gürrüñini etdi. Bu çykdajy ganly uruş dowam etdigiçe hasam artsa gerek.
Zelenskaýanyñ pikirine görä, käbir ýurtlaryñ Russiýa bilen söwda gatnaşyklaryny üçünji ýurtlaryñ üstünden dowam etdirmegi «iñ bärkije we görnetin formada ýalñyş».
Ol maña haýykdyryjy söz bilen «Hemmämiziñ agressiw ýurtlaryñ üstündäki basyşy artdyryp, olaryñ urşy dowam etdirmegini mümkin däl ýagdaýa düşürmegimiz gerek» diýdi:
«Russiýanyñ örän güýçli we örän uly duşman bolandygy sebäpli şeýle ýardam edilmese, urşuñ soñy gelmez».
Ine, bulam Ýelena Zelenskaýanyñ günbatarly ýaranlara we dünýä ýurtlaryna gyssagly çagyryşy.




Bel TREW.
Anna, 11.08.2023 ý. Publisisistika